# Nehemýa kitaby

## Giriş

Nehemýanyň kitabynda onuň Iýerusalime dolanyp gelşi beýän edilýär. Bu şähere ony pars patyşasy Artakserks tarapyndan Ýahuda ýurduny dolandyrmak üçin iberýär. Nehemýa Iýerusalimiň weýran edilen diwarlaryny görende kalby gamlanýar. Ol halka baştutanlyk edip, Iýerusalimiň diwarlaryny dikeldýär. Şäheriň diwarlary dikeldilip, halk galada ornaşandan soň, Ezra oňa dabaraly ýagdaýda Hudaýyň Kanunyny okap berýär. Halk özüniň günälerini boýun alyp, toba edýär. Kitap Nehemýanyň soňky bitiren işleriniň beýany bilen tamamlanýar.

### Mazmuny


Nehemýa Iýerusalime dolanyp gelýär 1:1—2:20
Iýerusalimiň diwarlary dikeldilýär 3:1—7:73
Hudaýyň Kanuny okalýar we ozal baglaşylan äht berkidilýär 8:1—10:39
Nehemýanyň soňky işleri 11:1—13:31


## 1-nji bap

### Nehemýa Iýerusalim hakda aladalanýar

1 Hakalýanyň ogly Nehemýa, ine, şulary gürrüň berdi.
Pars patyşasy Artakserksiň patyşalyk etmeginiň ýigriminji
ýylynyň Kislew aýynda men Suza galasyndadym.
2 Doganlarymyň biri bolan Hanany birnäçe adam bilen
Ýahudadan geldi. Men olardan ýesirlikden gutulyp, aman
galan ýahudylar hakda we Iýerusalim hakda soradym.
3 Olar maňa: «Ýesirlikden gutulyp, aman galan ýahudylar
uly betbagtçylykda; olar ile masgaradyrlar; Iýerusalimiň
diwarlary ýumrulyp, onuň derwezeleri oda ýandy» diýip
gürrüň berdiler.
4 Men bu zatlary eşidenimde, oturyp agladym we birnäçe
günläp ýas tutdum. Agyz bekläp, Gökdäki Hudaýdan dileg
etdim. 5 Men şeýle diýdim:

«Eý, Gögüň Hudaýy Reb, beýik we haýbatly Hudaý!
Sen Özüňi söýüp, tabşyryklaryňy berjaý edýänler bilen
ähtiňi hem sadyk söýgüňi saklaýaň. 6 Guluň bolan meniň
ysraýyl halkynyň Saňa garşy eden günäsini boýun alyp,
gije-gündiz Saňa edýän dilegimi eşideriň ýaly, gulagyň
eşitgir, gözüň ýiti bolsun. Menem, atalarymam günä
etdik. 7 Biz Seniň guluň Musa beren tabşyryklaryňy,
parzlaryňy, hökümleriňi berjaý etmän, Seniň garşyňa
juda erbet iş etdik.
8–9 Guluň Musa: „Eger biwepalyk etseňiz, sizi
halklaryň arasyna pytradaryn. Ýöne siz Maňa dolanyp,
tabşyryklarymy ýatda saklap, berjaý etseňiz, siziň
sürgün edilenleriňiz ýeriň aýagujunda bolsa-da, Men
olary şol ýerden ýygnap, Öz adymyň mesgen tutmagy
üçin saýlan ýerime getirerin“ diýen sözleriňi ýada sal.
10 Olar Seniň beýik güýjüň, gudratyň bilen halas
eden Öz gullaryň we halkyňdyr. 11 Ýa Reb, Öz guluňyň
dilegine we Saňa hormat goýýan gullaryňyň dilegini
eşit! Öz guluňyň işini şu gün Özüň oňuna edip,
patyşanyň maňa rehimi iner ýaly et».

Men şol wagtlar patyşanyň şerap guýýançysydym.

18/07/2014: Pre-publication DRAFT (garalama)